# Sazlaryny pelsepä ýugran

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sazlaryny pelsepä ýugran SAZLARYNY PELSEPÄ ÝUGRAN

Çary Nurymow kompozitorçylyk bilimini Türkmen Döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde Türkmenistanyň halk artisti, professor Aşyr Kulyýewiň tälim bermeginde aldy. Soňra ol Moskwada Gnesinler adyny göterýän Döwlet sazçylyk-tejribeçilik institutynda professor G.I.Litinskiniň elinde bilimini kämilleşdirdi.
Kompozitoryň žanr gyzyklanmalary örän giň, oňa »Epgegiň tepbedi», »Ölmez ýitmez», »Köýten nalasy» baletleri, üç sany simfoniýa, alty sany konsert, gural we wokal sazlary, çagalar üçin eserler girýär.
Çary Nurymowyň döredijiliginde taryhy mowzuk örän ýörgünli. Olar giňden beýan edilip, çuňňur mazmuna beselenendir. Munuň hem sebäbi kompozitoryň özi milli taryhymyza, beýleki halklaryň medeniýetidir taryhy bilen gaty içgin gyzyklanan adam bolandygy üçindir. Hut şeýle häsiýetler ony şahsyýet hökmünde diňleýjilere pelsepeçi saz döredijі hökmünde tanatdy. Biz muny onuň döreden sazlaryny içgin öwrenenimizde has-da aýdyň duýýarys.
Çary Nurymowyň eserleri öz şahsy durmuşy bilen berk baglanyşykly. Ol ikinji jahan urşy döwründe çagalygyny geçirdi, urşuň adamlaryň kalbyna salan bitmez ýaralaryny çaga ýüregi bilen syzdy. Onuň kakasy Nurym Ýazow hem uruşdan yzyna gaýdyp gelmedik müňlerçe ildeşlerimiziň birisidi.
Çary Nurymowyň 1972-nji ýylda döreden »Ses we orkestr üçin poemasynda» bu ahwal has ýitilik bilen berilýär. Kompozitoryň »Aglamaýynmy» diýen halk heňini bu eserinde jaýdar, täzeçe röwüş bilen ulanyp bilmegi eseriň ilhalar bolup çykmagyny üpjün edýär.
Çary Nurymow uruş ýyllarynda kalbyna dolan ýitgileri beýan etmek maksady bilen, 1984-nji ýylda 2-nji simfoniýasyny döredýär. Bu eser awtoryň hut öz duýgularyny, başdan

geçirmelerini beýan edýänligi üçin düşnükli hem-de juda täsir ediji ýaňlanýar. Awtor saz dili bilen urşuň elhençliklerini hut ýaş çaganyň garaýyşlarynda, arzuw-hyýallarynda, umytlarynda, täsirli bermegi başarýar. Bu eserde hasratly we gazaply äheňler, mähriban adamlary näbelli uzaklyga alyp gidýän otlynyň güňleç hem zaryn sesi, janygyp gürleşýän adamlaryň sesleri, orkestriň köp sesli owazlary bilen işim-işim bolup çykýar. Gara güýjüň hökman weýran boljakdygyna ynam, ýeňşe bolan umyt, kesilip-kesilip berilýän içgepletmelerden ybarat owazalar sazy ähli aýdyňlygy bilen ýüze çykarýar. Bularyň hemmesiniň birleşip, 2-nji simfoniýanyň diňleýjä tanyş duýgulary has düşnükli, juda täsirli ýetmegine ýardam berýär. Onuň hem sebäbi, bu eser kompozitoryň öz ýürek owazy, kalbynyň sesi…

Çary Nurymowyň »Dessan-konserti», »Gazallar», »Teke nagyşlary» eserleriniň atlary hem biziň milliligimizden habar berip dur. Ol eserlerde milli dessurlar bilen baglanyşykly çuňňur pikirleniş, baý pelsepe öz beýanyny tapýar. Ol eserler geçmiş hem geljegiň arasyndaky köpri bolup hyzmat etmek bilen, däp-dessurlarymyza täze öwüşgin çaýýar. Olaryň many-mazmunyna, çuňlugyna, beýikligine göz ýetirmäge ýardam berýär.

Çary Nurymow milli saz pikirlenişiniň tebigatyny çuňňur duýýar hem-de ony aýratyn beýik derejede beýan edýär. Ol şindi aýatdaka diňe bir öz ilimizde giňden tanalman, dünýäniň saz muşdakarynyň hem ünsüni çekmegi başaran ussat kompozitordy. Ol şol wagtky soýuz respublikalaryndan başga-da Angliýa, Norwegiýa, Fransiýa ýaly döwletlerde hem çykyş edip, talapkär tomaşaçylaryň söýgüsinu gazanypdy.

Çary Nurymow diňleýjiler tarapyndan oňat garşylanylan, häzir hem aýdylyp ýörlen ilhalar aýdymlaryň □ romanslaryň ençemesini döretdi. Olardan »Gitdim», »Oýanmaz», »Aýgözel», »Näzlim uz maňa», »Aşgabat», »Ýanyp men ataşlaryňa» ýaly ençeme aýdymlary mysal getirmek bolar.

Çary Nurymowyň durmuş we döredijilik ýoly Çagalar sazçylyk mekdebiniň okuw meýilnamasynda aýratyn orun eýeleýär. Onuň ady Nury Halmammedowyň, Aman Agajykowyň atlary bilen deň hatarda tutulýar.

D.Öwezow adyndaky Türkmen Döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň okuw meýilnamasynda bolsa, Çary Nurymowyň eserleriniň derňewine örän köp üns berilýär. Onuň döredijiligi has-da çuňňur öwrenilýär.
Türkmen Milli Konserwatoriýasynyň talaplary Çary Nurymowyň eserlerini konsertlerde ýerine ýetirýärler, ylmy-amaly konferensiýalarda kompozitoryň eserleriniň ençemesini mowzuk edinip çykyş edýärler.
Saparmyrat Türkmenbaşynyň aýdym-saz sungatymyz barasynda edýän taýsyz tagallalary netijesinde bu günki gün Çary Nurymowyň döreden saz eserleri halkymyza elýeterlu boldy. Ol eserler Beýik Serdarymyzyň täzeden dikelden 72 dürli saz guralymyzyň birleşmeginde, bitewilikde çalynmagynda, ýaňlanmagynda jahana dolýar.

Gözel GURBANSÄHEDOWA.

# «Diýar» žurnaly, 2013 ý. Aýdym-saz sungaty